# Garlyk gowaklary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi

Köýtendagyň gerşiniň eňňidinde ýerleşýän Garlyk gowaklary Ýewraziýada täsin tebigy ýadygärliklerdir. Aýratyn gymmaty sebäpli ol ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi.



Все права защищены



Все права защищены



Gowak ulgamy umumy adyny golaýdaky Garlyk obasyndan aldy. Bu ýerde uzynlygy birnäçe ýüz metrden birnäçe kilometre çenli 60-a golaý hasaba alnan gowak bar.

Gowaklarda stalaktitleriň, stalagmitleriň, daş perdeler görnüşinde gipsiň, kalsitiň, argonitiň has ýiti görnüşleri, özboluşly galereýalary, zallary we birnäçe geçelgeleri bar. Olardan has bellileri Haşymoýuk, Gap-gotan, Daş ýürek, Daş gül, Dik (Merhumlaryň gowagy) gowaklarydyr.

Haşymoýuk gowagy 5 metrden 8 metre çenli beýiklikdäki köp zallardan we geçelgelerden ybarat. Onuň umumy uzynlygy 3,5 kilometr. Ýerli taryhçylaryň we arheologlaryň belleýşi ýaly, Tamerlanyň guburlaryny bejermek üçin şu ýerden mermer oniks gazylyp alnypdyr.

Gowagyň “Gap-gotan” ady iki sözden emele gelen. Ol “gap” – tabak we “gotan” – ýerli şiwede “ýatak” diýmekdir. Amatsyz howada gowagyň golaýynda goýun bakýan çopanlar

Все права защищены

save pdf date >>> 18.01.2025

sürüleri ýagyşdan we şemaldan goramak üçin gowaga sürüpdirler.

Bu gowagyň özboluşlylygy, bu ýerde “Aýazbaba we Garpamyk zaly”, “Mylky zaly”, “Ertekiler zaly”, “Hammam zaly” we beýleki ýerasty boşluklaryň bolmagydyr. Ol minerallar boýunça dünýäde üçünji ýerde durýar.

Garlyk gowagynda birnäçe çukur bar, olaryň iň ulusy stalaktitlidir. Uzynlygy 190 metre, beýikligi 10 metre ýetýär. Üýtgeşik stalagmitleriň beýikligi 6 metre, diametri 1 metre ýetýär. Gowakdaky howanyň temperaturasy 20 gradus.

Garlyk gowaklary karst şekilleriniň tebigy gözelligi we köpdürlüligi bilen tanyşmak isleýän Türkmenistandan we beýleki ýurtlardan köp sanly jahankeşdeleri özüne çekýär. Ol gözel ýerleri we speleologiýany halaýanlar üçin ajaýyp ýerdir.



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены



***Swetlana Çirsowa***

***Makala ilki "Türkmenistan: Altyn Asyr" saýtynda 2024-nji ýylyň 13-nji iýunynda çap edildi.***

Все права защищены

save pdf date >>> 18.01.2025